2025-nji ýylyň 10-12-nji fewralynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ilat Gaznasynyň (UNFPA) Türkmenistandaky wekilhanasy tarapyndan kyn ýagdaýa düşen aýallara we olaryň maşgalalaryna psiho-sosial maslahat bermek boýunça üç günlük seminar geçirildi. BMG-niň Aşgabatdaky binasynda geçirilen çärä 30-dan gowrak hünärmen gatnaşyp, olar psihologlardan, jemgyýetçilik işleri boýunça hünärmenlerden we jemgyýetçilik guramalarynyň wekillerinden ybarat boldy.

Seminaryň maksady psiho-sosial maslahat bermek babatda hünärmenleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak, zorlugyň we beýleki görnüşli kynçylykly ýagdaýlaryň pidasy bolan maşgalalar bilen işlemegiň usullaryny öwretmek boldy.



Seminara gatnaşyjylar gender sosializasiýasy meseleleri, maşgaladaky zorluk we onuň

Все права защищены

psihiki saglyga täsiri, şeýle hem psihologiki kömek usullaryny öz içine alýan giň möçberli meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar. Seminarda öz-özüňe ideg etmek meselesine we hünärmenleriň hünär taýdan ösüşine aýratyn üns berildi.

Çärä Türkmenistanyň Gyzyl Ýarymaý Milli jemgyýetiniň wekilleri, ýurduň ähli welaýatlaryndan maşgalalara goldaw bermek boýunça gulluklaryň psihologlary we jemgyýetçilik işleri boýunça hünärmenleri, şeýle hem “Keýik okara” jemgyýetçilik guramasynyň wekilleri gatnaşdylar. Seminar UNFPA-nyň halkara maslahatçysynyň goldaw bermeginde geçirildi.

Seminara gatnaşyjylar kynçylykly ýagdaýa düşen aýallara we olaryň maşgalalaryna kömek bermekde pudagara çemeleşmäniň möhümdigini nygtadylar we psihologiki goldawyň häzirki zaman usullaryny ara alyp maslahatlaşdylar.

Seminar Türkmenistanda jemgyýetçilik we psihologiki goldaw ulgamyny ösdürmekde möhüm ädim boldy. UNFPA maşgaladaky zorlukdan ejir çeken aýallaryň ýaşaýyş-durmuş hilini gowulandyrmaga gönükdirilen başlangyçlary goldamagyny dowam etdirer.

Все права защищены

save pdf date >>> 21.02.2025